# Yzany yşkyma ýamag etdim

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Yzany yşkyma ýamag etdim YZANY YŞKYMA ÝAMAG ETDIM



Wagt gutarýar.
Ähli sagatlar gumsagadyñ içinde biri-biriniñ yzyndan zymdyrylyp barýar.
Ýasama bagtlylygy geýinýär sözler.
Sen-men söweşinde ýeñilliksiz ertirlere häzirden açýaryn gözlerimi.
Söweşerlik derejede-de ýakyn däldigmizi bilýän.
Bilýän, gynandyryşyñ munça sözi tapdyrýanam.
Ömrümi ömrüñ yzynda süýreýänem…
Aýnasy döwüldi bagtlylygymyñ.
Söz diñlemezek hüýümi indi gowy tanaýan.

Aýagym ilişýär agyry-ynja we ýoklugymyň üstüne düşýän.
Şindizem üşeýän…
Iňňäniň gözünden geçirýän yşky.
Sen bolýaň nagşymyň ady.
Bir demde sen bolýan düşünjesiz, urdum-duýmaz…
Soňra maňa dönýän. Seret häzirem aglaýan…
Harpma-harp dokaýan kelimelermi,
häzirden ýerleşdirýän gynançlarymy barmagynyň ujuna.
Soňky düşen çygy-da bölýärin paýyma.
Ýumýan gözlerimi.
Hany, gitsene ýar, gelşiň ýaly.
Awundyran ýeriňden ähli yzalarymy-da alyp gitsene.
Düşünmedim ýar, Sen ýar bolmadyňmy ýa-da men ýaranlykdan uzakdym?
Haýsy kenara urupdy aramyzdaky ýetmeýän şol daş?
Haýsy aýdymda ýarpy galypdy notamyz?
Haýsy setir içine sygdyryp bilipdi-de seni,
sen tapylmazym bolduňmy?
Ah, ýar, saňa baglamasam sözümi,
hemişe manysyzlyk bolýar ýüregimiň dili.
Saňa baglananda-da gözýaşyňa ugurdaş bolýar.
Ýokmy öňümde senden gaýry gidiljek ýolum?
Içim ýene öňki setirleri gaýtalaýar…
Gerişlerimde senli gözel güzerim bar
Ýöne düýşlerime damýan awy-da sen ýar
Tapyp bilmedim ýar.
Seni şunça gözlesemem, özüme bagtlylygy tapyp bilmedim.
Wagtdan ýekän-ýekän ogurlap, sagatlary syzlaýan ýanlaryma gatdym.
Men yzany yşka ýamag etdim.
Ownuk saýmadym duýgulary.
Çola çüňklerde ölýänçäm sakladym söýgimi.
Yzady tanyş yşkymyň öňki ady. Hiç bir şähere sygmady ýüregim.
Stambul, sejem ýüregimi aýaklaryma iltediň.
Hem sen ýykyldyň, men ganadym.
Ezildim, ýarama ýene gojaman şäheri basdym.
Çuň ukudan ybarat sandym setirlerde ýaşamagy.
Kelimeleri urdum çägeliklere.
Janymy awutdym yzynda.
Hem ýene bir daş zyňdym içimiň garaňky dälizine.
Gussaň mesgenine kilitli yşk haýsy mertebäni kabul ederdikä

sözlerine?
Haýsy ýaram düýşlerini saña uranymda yza damdyrmaýardy?
Hakykatymda bolmadyk ýar köñlümdenem git!
Bol, gitsene! Men goduklan şäheriñ harabasy bolmaga razy.
Men, ýene garabasmalar saklaryn ýassyklarymda.
Hem saña şygyrlar toplamakdan el çekerin.
Sessizligimiñ sesini diñleýän güýz gününiñ säherinde…
Kahraman TAZEOGLY. Goşgular